# Agta han

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agta han AGTA HAN



*Eýran şasy Agamuhammet han (ýörgünli lakamy Agta han) şalyk süren döwründe (1796-1797) köwülen gözleriň, çapylan kelleleriň hetdi-hasaby bolmandyr*

Ne işleri gaýyrdyň sen,
Geçip tagta Agta han.
Gara gana boýadyň-a,
Gör, niçeme bagty, han.
Örtüp ýüze gara şaly,
Gitdi gözden ýagty, han.

Arş aglady, zemin çökdi,
Hiç kimseden ýok seda.
Ene ýüregi bulandy,
Bu saňa Hakdan jeza.
Bolsaň-da han, sen han däldiň,
Bolsaň-da şa, sen şa däldiň,
Arwah ýürek, ýaman päldiň.

Daýyň türkmen Begenjaly,
Külli ýomut serdary.
Beýewan giň sähralarda,
Saýypdy gajary öz bradary.

Zalymlykda pes däldiň sen Nedirden,
Çingiz handan, Napoleondan, Gitlerden.

Zulum kylyp, istediň sen bagtyňy.
Bagt näme, orta ýolda agsadyň,
Hem bagtdan jyda düşen agtadyň…
Baýrynyp birmahal şeýtan güýjüňe,
Çapylan kelleden guran minaraň,
Lagnatdyr adyňa, tohum-tijiňe.
Ýöne weli iliň gargyşdan ýasan
Minarasy ömürbaky durjakdyr.
Oň ýanynda sen ýalylar gurjakdyr…

04-08.07.2024. Goşgular